# Dälihanada bir gün / satiriki hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Dälihanada bir gün / satiriki hekaýa **DÄLIHANADA BIR GÜN**

*Satiriki hekaýa. Düýply üýtgedilen täze wersiýa:)*

Agşamky ýagyp başlan gar ir säherler dyndym etdi. Galyň geýinip aýak ýoluna gidip gelenimem şoldy welin, ejem:
– Epeslije gar ýagypdyr. Üçekdäki garlary aýryşdyrmaly bolar, ýogsa ynha üçegimizden suw syzyp başlar – diýdi.
Şu onsekiz gradus sowukda gar aýyrmak ýokmasa-da ýene-de çykdym daşaryk. Jaýa üzeňňini diýräp jaýyň üstüne çykdym. Keýpsiz assa-ýuwaş bir çetinden garlary aşak zyňyp başladym. Goňşy howla seretdim, Aýnur howlysyny süpürip ýören eken, ol meni görüp, maňa seredip şeýlebir mylaýym ýylgyrdy welin ol ýylgyryşy göremsoň meň kalbym joşup ýüzüm ýürekli smaýlige öwürildi. Şondan soň Aýnura özümi görkezjek bolup şeýlebir garlary peşap zyňyp başladym welin on minutda nädersiň jaýyň üstüne gar ýagmadyk ýaly bolaýdy, söýgi nämeler etdirmeýär. Aýnura öz edermenligimi hem görkezmek isläp «seret meň ediwerşimi» diýip gygyrdymda jaýyň edi-i-il gyrajygyndan ýöräp başladym. Soň näme bolandyr öýdýäň? Dogrysy näme bolanyny özümem känbir aňşyramok, bir-ä aýagym taýanyny bilýän, birem ýykylyp gelýän wagtym «A» harpyny çekimli edip, süýndirip aýdanymy bilýän, soňam gurp-tarp bolany…
Ondan soň näçe wagt huşumdan gidip ýatanymam bilemok. Gözümi açsam ýerde ýatan ekenim. Ýerimden turup üst-başymy kakyşdyrdymda köçe tarapa ýöräp başladym…
Köçe tarapa barýan ýöne nämüçin barýanymy bilemok, edil kellä doňdurylyp goýulan ýaly…
Goňşym, Nepes aga mal ýatagynyň ýanynda sygyryna iýim berýär. Sygyry görüp gülüp başladym. Nepes aga maňa gaharly seredip:
– Hä nämä gülýäň? Näme bärde biri maýmyn oýnadýamy? – diýdi.

– Ha-ha-ha… Nepes aga bi sygyryň bäş aýagy barmaýt? Ha-ha-ha.
– Dört aýagy bar. Sygyrda-da bäş aýak bormy?.
– Ha-ha-ha… onda bi näme?.
– Bi guýrugy-how.
Näme diýip, näme edip duranymy özümem bilemokdym. Nepes aga ýanyma gelip meň ýüzümden aý görjek bolýan ýaly ýüzüme seredip durdy, onuň bu seredip durşuna-da gülkim tutup gülüp durun. Nepes aga ahyry dillendi:
– Sen şu ýerde durup dur Myrat, men häzir gelýän. Hiç ýerik gidäýme, dur şu ýerde. Men derrewjik gelýän häzir– diýip, öýimize tarap ylgady. Hä diýmänem yzyna ejem bilen ejekemy tirkäp geldi.
Öýimize eltdiler. Gyzgynjak çaý içirdiler. Men bolsa gülýän, çäýnege seredibem gülýän, käsä seredibem gülýän, pişige seredibem gülýän, aý-ý-ý garaz diňe gülýän. Bu ýagdaý iki-üç gün dowam etdi. Gijede gülüp ýatyp bilemok. Öýdakiler ýöreselerem gülkim tutýar.
Ahyry bir gün irden meni keselhana alyp gitdiler. Lukmanlar barladylar-da meni ruhy keseller hassahanasynda barlagdan geçirmeli diýip karara geldiler. Ruhy keseller hassahanasynyň uly lukmanam meň klasdaşym hem gullukdaşym Daýançdy, ady Daýanç bolsada oň özüne daýanyp bilemokdym, beý diýsem ikisi duşmandyr öýdäýmäň! Aramyzda o derejede uly duşmançylygam ýok-laý diňeje bir-birimizden bit ýaly kemçilik tapsak pil ýaly edip uly ile ýaýradýas bolany şol. Bardyk dälihananyň gapysyndan. Hassahanaň uly lukmany jan ýaly dostum, klasdaşym hem gullukdaşym Daýanç meni barlagdan geçirmage başlady. Her hilli suratlar görkezip «şu suratda nähili şekil görýäň» diýýä, o suratlary görüp beter gülkim tutýar.
Daýanç ejeme seredip:
– Daýza, meň gadyrdan dostuma näme boldi? – diýdi.
Ejem:
– Üçekdäki garlary arassalap ýörkä üçekden ýykylypdyr, şondan soň birhili geň zatlary aýdýan boldy, sygyryň bäş aýagy bar diýýämi. Özem her sözünde gülýä. Onsoň menä gorkup hassahana ýüz tutmaly boldum. Olaram sizi salgy berdiler.
– Wah-wah seresabyrak bolaýmala. Aý bi gullukda-da şular

ýalydy-laý, haçan görseň krawatdan ýykylyp gezýädi bi. Onda daýza muňky düşünikli üçekden ýykylanda kellesi sarsan bolmaly. Muny häzirlikçe şu ýerde alyp galaly. Barlaglardan oňatja geçirmesek bolmaz – diýdi…
Egnimdäki geýimlerimi täsin bir eginbaşlar bilen çalşyryp meni hem bir topar däliň arasyna saldylar.
Bir çetde durup olary synlaýan. O ýerde biri aýnaň öňünde wilka bilen saçyny darap dur, aňyrda biri çemçäni pyçagyň ýerine ulanjak bolýar. Bärde äpet biri men tarapa ylgap gelýä n-näme-e? Boýy iki metre golaý daýaw peläket. Gorkymdan aýaklarym sandyrap başlady, aý onsoň menem «Gaçan gutular, duran tutular» «Assa gaçan namart» WAÝ-Ý DA-A-AT diýip ylgap başladym.
Men gaçýan o kowalaýa. Dälilerem kanunsyz urşa seredýän ýaly gygyryşyp, uly goh turuzyp, üýşüp bize tomaşa edýäler. «Tomaşaçylaryň» biri garşydaşyma ullakan taýak berip «zyň» diýdi olam kowalap gelişine taýagy bar güýji bilen aýlap zyňdy, taýagam gelip kelläme degäýmezmi, ýere serilip ýykyldym.
Ýatyryn ýerde çaşyp. Peläket geldi-de elini egnime goýup:
– Tutdum-tutdum, bol indi sen kowala. Senem tutaňsoň gizlenpeçek oýnarys – diýip özünden özi ylgap gitdi yzyna…
Ýerimden turdym geň galaýmaly kelläm doňan ýaly bolup duranok, sähel zada gülesimem gelenok, taýak degende kellämiň sarsan ýeri ýerine düşäýdimika? Ýa «dälini taýak açar» diýenleri boldymyka? Aý näme bolanam bolsa Indi diňe şu ýerden tizräk gutulmagy oýlanyp başladym. Göni bardym Daýanjyň otagyna.
Häk Daýanç zaňňar kofejik içip imo giren bolup otyr.
«Myrat dälliredi» diýip hemmä habar beräýdimika diýýan. Gülküsi al-asmana galyp, jaýy ýaňlandyrýar.
Meň gelenmi görüp Daýanç:
– Myrat seret men nähili çyn dost, seň üçin näçe manadymy, näçe sagat wagtymy sarp etdim? Bilýäňmi? Ynha seret! Ähli klasdaşlara, gullukdaşlara, obadaşdyr tanyş-bilişlere üç sözde «Myrat bize göçdy» diýip esemes ýazyp seň ýagdaýyňy habar berdim. 1300 sany esemesim gitd-ow, ýöne dost seň üçin ondan köpüne-de taýýar.

– Hm-m senden tamam şeýle-da.
– Ýüzüñ salyk görünýäle ýa bärik öwrenişeñokmy entek. Aý zyýany ýo-o-ok. Añrysy üç-dört aýdan hakyky öýüñi ýadyñdanam çykararsyñ– diýen bolýa. Özi hem gülýä. Hakyt ýüzüme seredip gülüp otyrda.
– Näme diýýäň? Üç dört aýda? men bärde onça wagtlap gezip bilmerin. Şu wagtyň özünde göýber meni.
– Hm-m şeýlemi. Nämüçin göýbermeli seni? Näme bäş-alty sagatda eýýam sagalaýdyňmy? Ha-ha-ha…
– Howwa sagaldym. Gepi uzaldyp durma göýberýäňmi? Ýa ýok?.
– Bäş-alty sagatda seni öýüňe göýberip men näme sen ýaly dälimi? Ha-ha-ha… azyndan dört hepde gezersiň ondan soň barlagdan geçirerin, sagalan bolsaňam ana şondan soň öýüňe göýbererin.
«Ýygnakda oturan wagtyň oturgyjyň döwülip, ýykylyp masgara bol» diýip içimden sögünip, «biziň köçede-de toý bolar» diýip çykyp gaýtdym. Meni añsatlyk bilen öýüme göýbermejekdiklerine gözüm ýetensoň daşarda gezip ýören dälileriň arasyna çykdym. «Keýpimi götereýin» diýip howlyda gezip ýören adamlaryň hersiniň üstünden gülüp bolar bolgusyz gürläp ýörün. Ahyry meň bolgusyz geplerime biri çydap oturyp bilmedimikän diýýän, ýanyma daýaw biri geldi-de:
– Inim sen däli bolsaň, men senden beter däli– diýip, meni göterip bäş-alty gezek kellesiniň üstün-de aýlap-aýlap zyňyp göýberdi…
Bolsa-da gaty ýere-hä düşmedim, gar üýşmeginiň üstüne düşdüm. «Şu gezek arym köýmesin urşaýyn-la» diýip ýerimden gaharly turup ylgadym ýañkyň üstine, ýenede howum basyldy. Göwresi gaty eýmenjou oñ. sesimi çykarman badymy saklamakdan başga edip bilen zadym bolmady…
Men indi bu ýerde dört-bäş hepde barada gürrüñ-ä ýok bir günem durup biljek däldim, ýene-de biri gelip urmanka tizräk gaçmalydym, ýöne nädip gaçmaly? Diwardan böküp gaçaýyn diýsem diwaryň boýy alty-ýedi metr, ýanynda ýekeje agajam ýok, tep-tekizçilik…
Şeýdip oýlanyp ýörüşime çöpden kart ýasap kart oýnap oturan alty sany dälä gözüm düşdi we kelläme ajaýyp deňi taýy ýok

pikir geldi «aslynda men bu kelläm bilen alym bolmalydym» diýip içimden oýlanyp olaryň ýanyna bardym:
– Dostlar bi kartyňyzy goýuň, men ha-as gyzykly oýun bilýän şony oýnap göreliñ! Oýnajak diýseňiz size-de öwredeýin– diýdim.
Däliler:
– Nähili oýun-da nähili oýun – diýişip yzyma düşdiler.
– Hany onda baryňyz diwaryň ýanyna baryp biri-biriňiziň üstüňize çykyň!
Olary diwaryň ýanyna eltdim, biri-biriniň üstüne mündürdim, indi men bularyň üstüne münüp diwaryň üstüne ýetsem bolanydy, men bu ýerden gaçyp biljekdim. Iň ýokarkysynyň üstüne çykyp ýaňy diwaryň üstüne elimi ýetiren wagtym aşakdaky däli:
– Eý meň-ä aýagym gijeýä, çydap bilemok, siz oýnap duruň, men aýagymy bir gaşaýyn– diýip egiläýmezmi, biziň barymyz güpürdeşip gaýtdyk aşaklygyna.
Ýerimden turup «bizi hiç-kim görmedimikän» diýip daş-töweregime seretdim, Hudaýa şükür hiç kim görmändir. Beýle ýollar bilen hem gaçyp bilmejegime göz ýetirenimden soñra, dälihana garawulynyñ el telefonuny ogurlap dostum Serdara jaň etdim:
– Alo Serdar dost seň kömegiň gerekdi, men dälihana düşdim.
– Bilýän o ýere düşeniňi, Daýançdan «Myrat bize göçdy» diýip esemes geldi. Dälhana nädip baryp ýörsüň-aý?
– Ony soň aýdaryn. Sen gije onbir-de dälihanaň diwariniň ýanyna gel, sekiz metr ýüpem alyp gaýt. Men onbir-de diwaryň ýanynda garaşýan.
– Bolýa dost onbir-de bararyn…
Sagat onbir boldy, assa ýuwaşlyk bilen diwaryň ýanyna bardym. Çyn dost diýip şuňa aýdaýsaň, Serdar eýýam gelip diwaryň üstünde garaşyp otyr, üşäpdir öýdýän meni görüp:
– Dost geldiňm-äý, menä ýarym sagat bäri şü ýerde garaşyp otyryn, doňup galdyma hou.– diýdi.
– Aldap zordan çykdyma daşaryk. Bolýa, aşak ýüpi zyňsana dost.
Serdar ýüpi aşak zyňdy we meni ýokaryk çekip aldy. Dälihananyň içinde agaç ýok bolsa-da diwaryň köçe tarapy welin agaçdan doly eken, biz şol agaçlaryň biriniň kömegi bilen aşak düşdik

we maşyna münüp dälihanadan daşlaşdyk.
Ýolda men Serdara dälihana nädip düşüp ýörüşimi we dälihanada gören görgülerimi gürrüň berdim…

Aý bolýada-a-a. Gör bu garly gyş meni ne günlere saldy…

**Saparmyrat GÜRGENÇLI** Satiriki hekaýalar